# GURBAN MALY

# Gurbanlyk maly, (uzhyýe).

Meseleler:

**Birinji mesele: Uzhyýäniň kesgitlemesi, hökmi, meşruglygyna (dinimizde gurban kesmekligiň dogrydygyna) deliller, onuň şertleri:**

1) Kesgitlemesi: Uzhyýe dil taýdan: gurbanlyk malyny duha (guşluk) wagtynda soýmak.

Din taýdan: Baýram gününde Allaha ybadat hökmünde soýulýan mal, düýe ýa sygyr ýa goýun-geçiden bolan mal.

2) Hökmi, meşruglygyna deliller: Uzhyýe berkidilen sünnetdir, aýatdaky ýaly:

**"Indi sen Perwerdigäriň üçin namaz oka we gurbanlyk çal!"** (Köwser 2)

فَصَلِّ لِرَبِّكَ وَٱنْحَرْ ۝٢

Enes şeýle diýdi: **"Pygamberimiz iki sany ala, şahly goçy gurban etdi, üstlerine aýagyny goýup olaryň damaklaryny "Bismilläh we Allahu ekber" diýip, (öz) eli bilen çaldy")** (Buhary Muslim)

أن النبي –صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ– ضحى بكبشين أملحين أقرنين ذبحهما بيده، وسمّى وكبر، ووضع رجله على صفاحهما

3) Uzhyýäniň meşruglygynyň şertleri:

Şu şertler kimde tapylsa şol kişä uzhyýe bermek sünnetdir:

1) Yslam, muslim dälden talap edilmeýär.

2) Ýetişmeklik we akly ýerinde bolmaklyk, kimiň ýaşy ýetmedik bolsa we akly ýerinde däl bolsa, bu ybadata borçly däldir.

3) Başarmaklyk, ýagny, eger baýram gününde we teşrik günlerinde özüne we ekleýänlerine ýeterlik çykdajysyndan artyk ýagdaýy bolsa, şonda uzhyýe sünnetdir.

**Gurbanlygyň hikmetleri:**

1) Allaha (gurban soýup) ýakynlaşmak. Aýatda Allah Tagala şeýle diýýär:

**"Aýt: «Takyk, meniň okan namazym, (haj we gurbanlyk ýaly) ybadatlarym, ýaşaýşym, ölümim älemleriň Perwerdigäri bolan Allah üçindir. Onuň (hiç hili) şärigi ýokdur. Maňa diňe bu (yhlas) emir edildi. Oňa (bu ymmatdan) ilkinji musulman bolan mendirin»."** (Engam 162)

قُلۡ إِنَّ صَلَاتِي وَنُسُكِي وَمَحۡيَايَ وَمَمَاتِي لِلَّهِ رَبِّ ٱلۡعَٰلَمِينَ ١٦٢ لَا شَرِيكَ لَهُۥۖ وَبِذَٰلِكَ أُمِرۡتُ وَأَنَا۠ أَوَّلُ ٱلۡمُسۡلِمِينَ ١٦٣

Gurbanlyk ýaly ybadatlarym, ýagny, Allaha ýakynlaşmak üçin soýulýan mal.

Başga aýatda şeýle diýýär:

**"Hiç haçan bu gurbanlyklaryň etleri we ganlary Allaha gowuşmaz. Oňa diňe siziň takwalygyňyz gelip ýeter."** (Haj 37)

لَن يَنَالَ ٱللَّهَ لُحُومُهَا وَلَا دِمَآؤُهَا وَلَٰكِن يَنَالُهُ ٱلتَّقۡوَىٰ مِنكُمۡۚ

(Ýagny, Allah siziň gurbanlygyňyza mätäç däl, siz Oňa mätäç).

2) Muwahhydlaryň (Allahy birläp, şirkden daş durýanlaryň) ymamy bolan Halil Ybraýym Aleýhisselämiň sünnedini gaýtadan direltmek.

Aýatda Allah şeýle diýýär:

**"Olaryň ikisi hem (Hakyň emrine) boýun bolup, onuň (Ysmaýylyň) maňlaýyny ýere goýanda, Biz: «Eý, Ybraýym! Sen düýşüňdäki (emri) berjaý etdiň! Biz ýagşylary şeýdip sylaglarys. Takyk, bu görnüp duran synagdyr» diýip ýüzlendik. Biz onuň oglunyň deregine ullakan gurbanlyk berdik."** (Saffat 103-107)

فَلَمَّآ أَسۡلَمَا وَتَلَّهُۥ لِلۡجَبِينِ ١٠٣ وَنَٰدَيۡنَٰهُ أَن يَٰٓإِبۡرَٰهِيمُ ١٠٤ قَدۡ صَدَّقۡتَ ٱلرُّءۡيَآۚ إِنَّا كَذَٰلِكَ نَجۡزِي ٱلۡمُحۡسِنِينَ ١٠٥ إِنَّ هَٰذَا لَهُوَ ٱلۡبَلَٰٓؤُاْ ٱلۡمُبِينُ ١٠٦ وَفَدَيۡنَٰهُ بِذِبۡحٍ عَظِيمٖ ١٠٧

Ebu Dawudyň Jäbirden habar beren hadysynda, pygamberimiz gurban öldürip durka şeýle diýýär:

**"Hanif bolup, Ybraýymyň dinini (berjaý edip) ýüzümi asmanlary we ýeri ýaradana gönükdirýärin, men şirk edýänlerden däldirin."**

إني وجهت وجهي للذي فطر السماوات والأرض على ملة إبراهيم حنيفاً وما أنا من المشركين

3) Mallary bize boýun egdiren Allaha şükür etmek. Aýatda Allah Tagala şeýle diýýär:

**"Ondan özüňiz hem iýiň, kanagatly (dilegçilik etmeýän) mätäje hem, dilegçi garyba hem iýdiriň! Şeýdip, Biz bu haýwanlary siziň minnetdar (şükür edenlerden) bolmagyňyz üçin size boýun etdik."** (Haj 36)

فَكُلُواْ مِنۡهَا وَأَطۡعِمُواْ ٱلۡقَانِعَ وَٱلۡمُعۡتَرَّۚ كَذَٰلِكَ سَخَّرۡنَٰهَا لَكُمۡ لَعَلَّكُمۡ تَشۡكُرُونَ ٣٦

4) Musulmanlaryň agzybirligini güýçlendirmek, jebisligini berkitmek, aralarynda ysnyşyk we söýgi döretmek, gowy zatlarda biri-birlerine ýardam etmek, çünki, ýedi kişi bolup bir sygyra ýa öküze ylalaşyp, gurban berýärler.

5) Gurban soýmak adamyň takwalygyny aňladýar.
Şübhesiz, gurban güni mal soýmak Allahyň hökümlerindendir, bu hökmi tagzym etmek takwalykdyr:

**"Kim Allahyň buýran hökümlerine hormat goýsa, takyk, bu hormat onuň kalbynyň takwalygy sebäplidir."** (Haj 32)

ذَٰلِكَۖ وَمَن يُعَظِّمۡ شَعَٰٓئِرَ ٱللَّهِ فَإِنَّهَا مِن تَقۡوَى ٱلۡقُلُوبِ ٣٢

6) Gurban malyň haýrynyň eýesine dolanmagy. Allah Taala aýtdy:

**"Düýeleri hem (iri mallary hem) siziň üçin Allahyň dessurlaryndan bir (gurbanlyk) etdik. Olarda siziň üçin haýyr bardyr."** (Haj 36)

وَٱلۡبُدۡنَ جَعَلۡنَٰهَا لَكُم مِّن شَعَٰٓئِرِ ٱللَّهِ لَكُمۡ فِيهَا خَيۡرٞۖ

Ibn Kesir bu aýatyň tefsirinde şeýle diýýär:

**"Käbir selefler karz alyp düýeleri (gurban etmek üçin) getirer ekenler, haçanda oňa (karz edip düýeleri getirýäňmi?) diýenlerinde, şeýle jogap berer ekeni: (Men Allahyň şeýle diýenini eşitdim: "Olarda siziň üçin haýyr bardyr."** (3/221)

إن بعض السلف كان يستدين ويسوق البُدن، فقيل له: تستدين وتسوق البدن؟! فقال: إني سمعت الله تعالى يقول: لكم فيها خير

7) Maşgalaňa, öý-içärä, çagalara, goňşulara ir-iýmet taýdan eçilmek.
Hadysda pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

**“Teşrik (gurbanlyk) günleri - iýip-içmek günleri”** (Muslim)

"أيام التشريق أيام أكل وشرب

başga hadysda: **"we Allahy ýatlamak günleri diýýär"** (Muslim)

وذكر لله"

**Ikinji mesele: Haýsy haýwanlardan gurbanlyk beriler?**

Düýe, sygyr (öküzem şonuň içinde) we ownuk maldan (goýun-geçiden) başga haýwanlardan gurbanlyk edilmez, dürs bolmaz, aýatda aýdylşy ýaly:

**"Allahyň özlerine rysgal edip beren gurbanlyk haýwanlarynyň (damagyny çalanlarynda) Allahyň adyny agzamaklary üçin her ymmata gurban çalmagy ybadatyň bir görnüşi edip goýduk."** (Haj 34)

وَلِكُلِّ أُمَّةٍ جَعَلْنَا مَنسَكًا لِّيَذْكُرُوا۟ ٱسْمَ ٱللَّهِ عَلَىٰ مَا رَزَقَهُم مِّنۢ بَهِيمَةِ ٱلْأَنْعَٰمِ

Gurbanlyk mallary şu üç synpdyr, şeýle hem, pygamberimizden ýa haýsam bolsa bir sahabadan şulardan başgasyny gurban edeni barada maglumat ýokdur.

Ownuk mal bir adamyň we onuň maşgalasynyň gurbanlygynyň ýerini tutar, ýagny bir goýun bir maşgala gurbanlyk hökmünde ýeterlik bolar, Ebu Eýýub şeýle diýýär:

**"Pygamberimiziň döwründe bir adam özünden we maşgalasyndan bir ownuk mal gurban ederdi, özlerem iýerdiler, (başgalara-da) iýdirerdiler."** (Tirmizi)

(كان الرجل في عهد رسول الله – صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ – يضحِّي بالشاة عنه وعن أهل بيته، فيأكلون ويطعمون)

Ýedi adamyň adyndan bir düýe ýa sygyry gurban etmek hem rugsatdyr, Jäbir şeýle diýdi:

**"Hudeýbiýe ýylynda pygamberimiz bilen ýedi kişiden bir düýäni we ýedi kişiden bir sygyry gurban etdik."** (Muslim)

(نحرنا مع رسول الله – صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ – عام الحديبية البدنة عن سبعة، والبقرة عن سبعة)

**Üçünji mesele: Uzhyýede (gurbanlyk malynda) göz öňünde tutulmaly şertler:**

1) Ýaş:

a) Düýe, bäş ýaşa ýeten bolmaly.

b) Sygyr (öküzem şonuň içinde), iki ýaşa ýeten bolmaly.

ç) Geçi, bir ýaşa ýeten bolmaly.

Jäbiriň habar beren hadysynda pygamberimiz şeýle diýýär:

**"Size agyr düşmese "musinneden" başgasyny soýmaň, (eger agyr düşse) goýundan alty aý dolanyny soýuň."** (Muslim)

(لا تذبحوا إلا مُسِنَّة، إلا أن يعسر عليكم، فتذبحوا جذعة من الضأن)

**Musinne** - düýäniň bäş ýaşlysy, sygyryň iki ýaşlysy, geçiniň bir ýaşlysyna aýdylýar.

d) Goýun, alty aýlyk bolmaly, Ukbe ibn Amir pygamberimizden şeýle diýip soraýar:

**"Eý Allahyň Resuly! Maňa (alty aýlyk) goýun degdi (süsdi), ol: Ony gurban et! - diýdi."** (Buhary Muslim)

قلت يا رسول الله: أصابني جذع. قال: (ضحِّ به)

Ukbäniň başga habar beren hadysy:

**"Pygamberimiz bilen alty aýlyk goýny gurban etdik."** (Nesai)

ضحَّينا مع رسول الله –صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ – بجذع من الضأن

2) Sagdyn bolmaly:

Gurban mallarynyň sagdyn bolmagy şertdir, olaryň etiniň kemçiligine sebäp bolýan aýyplardan olar päk bolmalydyr, şonuň üçin, hor-arryk, çolak, bir gözli, kesel maldan edilen gurbanlyk dürs däldir, Bero Ibn Azibiň hadysyndaky ýaly:

**"Dört (malyň) gurbanlygy bitmez (dürs bolmaz): birgözlüligi görünip duran birgözli (mal), keseli görünip duran kesel (mal), çolaklygy görünip duran (mal), hor-arryk beýnisi ýok (mal)."** (Sahyh

sünen Nesai)

أربع لا تجزئ في الأضاحي: العوراء البيّنُ عورها، والمريضة البين مرضها، والعرجاء البين عرجها، والعجفاء التي لا تُنْقِي

Bu aýyplara meňzeş ýaly beýleki aýyplardan hem päk bolmalydyr, meselem: alyş dişleri giden dişsiz, gulagynyň ýa şahynyň köp bölegi giden we ş.m. aýyplar.

**Dördünji mesele: uzhyýäniň soýmaly wagty:**

Baýram namazyny okan kişi üçin, baýram namazdan başlaýar, emma baýram namazy okamadyk üçin gurban baýramy güni iki rekagat namaz we iki hutba mukdarlyk wagty gün dogandan soň geçende başlaýar, Bero ibn Azibiň hadysyna görä:

**"Kim namazymyzy okasa, gurbanlygymyzy gurban etse, gurbanlygy ýerine düşer, kim namazdan öň soýan bolsa, onuň ýerine başgasyny taýynlasyn."** (Buhary Muslim)

من صلى صلاتنا، ونسك نسكنا، فقد أصاب النسك، ومن ذبح قبل أن يصلي فليعد مكانها أخرى

Gutarýan wagty - teşrik günleriniň(1) iň soňkysyna çenli, Jubeýr ibn Mutgymyň hadysyna görä:

**"Teşrik günleriniň hemmesi - gurbanlykdyr (ýagny, gurban etse bolar)."** (Ahmed)

كل أيام التشريق ذبح

Baýram namazyny dynanyndan soň öldürmek has gowusydyr, Bero ibn Azibiň hadysyna görä:

**"Günümizi başlaýan ilkinji zadymyz – (baýram) namaz okaýarys, soňra gaýdyp gelip damak çalýarys, kim şeýle etse sünnetimize gabat geler, kim bundan öň soýsa, ol maşgalasy üçin etdir, gurbanlyk däldir."** (Buhary Muslim)

أول ما نبدأ به يومنا هذا نصلي ثم نرجع فننحر، فمن فعل ذلك فقد أصاب سنتنا، ومن ذبح قبل ذلك فإنما هو

---

(1) Ýagny- Gurbanlyk gününiň dördülenji gününde günbatýança.

لحم قدمه لأهله، ليس من النسك في شيء

**Bäşinji mesele: Gurbanlygyň etini näme etmeli? ZulHijje (Gurban) aýynyň ilkinji 10 günlerinde gurban kesiji näme etmeli?**

1) Gurbanlygyň etini näme etmeli:

Gurbanlygyň etinden eýesiniň iýmekligi sünnetdir, garyndaşlara, goňşulara, dostlara sowgat bermeli, garyplara sadaka bermeli, aýatdaky ýaly:

**"Şeýdip, bu mallaryň etlerinden hem özüniz iýiň hem-de garyp-gasarlara iýdiriň!"** (Haj 28)

فَكُلُوا۟ مِنْهَا وَأَطْعِمُوا۟ ٱلْبَآئِسَ ٱلْفَقِيرَ ﴿٢٨﴾

Üçe bölmek mustahapdyr: birinji bölegi maşgalasyna, ikinji bölegi garyp goňşularyna, üçünji bölegi sowgat, ibn Abbasyň pygamberimiziň gurbanlygynyň waspyny beýan eden hadysyndaky ýaly:

**"Üçden biri bilen maşgalasyny naharlasyn, garyp goňşularyny ikinji bölegi bilen naharlasyn, galan bölegini dilegçilere sadaka bersin."** (Wezoif, Hafiz Ebu Musa, "Mugni".)

ويطعم أهل بيته الثلث، ويطعم فقراء جيرانه الثلث، ويتصدَّق على السُّؤَّال بالثلث

Üç günden soňa gurbanlygyň etlerini ýygnap goýmak rugsatdyr, Bureýdanyň hadysyna görä:

**"Üç gün artyk gurban etlerini ýygnap goýmagy size gadagan edipdim, indi islän (wagtyňyza çenli) ýygnaberiň."** (Muslim)

كنت نهيتكم عن ادخار لحوم الأضاحي فوق ثلاث، فأمسكوا ما بدا لكم

2) ZulHijje (Gurban) aýynyň ilkinji on gününde gurbanlyk etmek isleýän kişiniň borçlary:

ZulHijje aýynyň ilkinji on gününde gurban soýmak isleýän kişi soýmazyndan öň saçyny we dyrnaklaryny almaly däldir, bu haramdyr, Umm Selemäniň (pygamberden) hadysyna görä:

**"On gün girende gurban maly bolup ony soýmak islese, hergiz saç almasyn, dyrnak hem kesmesin."** (Muslim)

**(إذا دخل العشر، وعنده أضحية يريد أن يضحي، فلا يأخذن شعراً، ولا يقلمن ظفراً)**

Başga ýol bilen habar berilen hadysda şeýle diýýär:

**"Saçyna we hamyna degmesin."** (Muslim)

**فلا يمس من شعره وبشره شيئاً**